**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2025-nji ýylyň 14-nji martyndaky № 9-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

## №1-bt "Bedenterbiýe we sport barada hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça

## GOLLANMA

## UMUMY DÜZGÜNLER

№1-bt forma boýunça Bedenterbiýe we sport baradaky statistik hasabaty şäher (etrap) bedenterbiýe we sport baradaky bölümleri – ýanwaryň 10-na ýerleşýan ýerindäki statistika edarasyna we özünden ýokarda durýan edarasyna tabşyrýarlar.

Welaýat, Aşgabat ş. we Arkadag ş. Bedenterbiýe we sport baradaky baş müdirligi, Türkmenistanyň ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary (jemleýji hasabaty Türkmenistan, welaýatlar, Aşgabat ş. we Arkadag ş. boýunça) we welaýatlaryň, Aşgabat ş., Arkadag ş. häkimlikleri – Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetine – ýanwaryň 15-ne tabşyrýarlar.

Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti – Türkmenistan, welaýatlar, Aşgabat ş. we Arkadag ş. boýunça jemleýji hasabaty Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine – ýanwaryň 20-ne tabşyrýar.

Çagalar-ýetginjekler sport mekdepleri (ÇÝSM) bar bolan kärhanalar, edaralar, guramalar hasabata (№1-bt forma) ÇÝSM işleriň degişli görkezijilerini goşýarlar (№5-bt forma).

## 1 BÖLÜM.
## SPORT DESGALARY WE BEDENTERBIÝE-SAGALDYŞ MERKEZLERI

Degişli setirlerde aýratyn ýerleşýän ýa-da sportuň şu görnüşi boýunça ýaryşlaryň düzgünlerine laýyk gelýän we bedenterbiýe we sport boýunça degişli komitetlerde bellige alnan (pasporty ýa-da hasaba alyş kartoçkasy bolan) toplumlaýyn desgalara girýän okuw-türgenleşik we sagaldyş sapaklary we ýaryşlar üçin sport desgalary we bedenterbiýe-sagaldyş merkezleri hasaba alynýar.

"Sport desgalary – hemmesi" 01-nji setir boýunça birleşikleriň, kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň balansynda durýan sport desgalarynyň hemmesi hasaba alynýar.

"1500 we ondan köp orunlyk tribunaly stadionlar" – 02-nji setir boýunça öz düzüminde futbol meýdançasy, ylgamak üçin daşyna 400 m ýoda aýlanan meýdança, bökmek we zyňmak üçin sektorlar hasaba alynýar.

"Tekiz sport desgalary (meýdançalar we meýdanlar)" 03-nji setirde ýörite örtükli we belgili enjamlaşdyrylan sport meýdançalary we meýdanlar: woleýbol, basketbol, el bilen top oýnamak üçin, tennis kortlary" futbol meýdanlary, ýeňil atletika, ýadrolary zyňmak ylgamak üçin ýoda ( 400, 333, 325 m), bökmek üçin sektorlar we şuňa meňzeş oýunlaryň we türgenleşikleriň belli bir görnüşi üçin niýetlenen tekiz desgalar we kooperatiw sport meýdançalary bir meýdança ýaly hasaba alynýar.

"Sport zallary" 04-nji setirde meýdany 162 kw.m az bolmadyk sport zallary hasaba alynýar, gury ýüzüş meýdanlaryny ýüzüjiler bilen goşmaça türgenleşik geçirmäge niýetlenenligi üçin hasaba alynmaýar.

"Buz köşgi" 05-nji setirde emeli buzly buz meýdançalary bolan üsti ýapyk sport desgalarynyň sany hasaba alynýar.

“Suwda ýüzülýän howdanlar” 06-njy setir boýunça suwuň tehnologik taýýarlygy bolan we 12,5 ×6 m az bolmadyk ölçegli üsti ýapyk we üsti açyk howdanlarda howuzlaryň sany hasaba alynýar.

“şolardan: üsti ýapyk (06-njy setirden)” 07-nji setir boýunça üsti ýapyk suwda ýüzülýän howdanlar görkezilýär.

“Bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmak üçin gurulan jaýlar” 08-nji setirde fiziki maşklar bilen meşgullanmak üçin 162 kw.m az bolmadyk ölçegli jaýlar (umumy bedenterbiýe taýýarlyk (UBT) zallary, atletika-gimnastika, türgenleşdirmek üçin enjamlar bilen we ş.m.), şol sanda pasporty bolmadyk jaýlar hasaba alynýar, bu ýerde “Sport zallary” setirinde görkezilmedik standart däl zallar görkezilýär.

“Bedenterbiýe-sagaldyş merkezleri” 09-njy setirde birleşikleriň, kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň çäklerinde we çäreler üçin niýetlenen ýerlerde ýerleşýän (zähmetden soň saglygyňy dikeltmek) merkezler hasaba alynýar.

“Bedenterbiýe-sagaldyş toplumlary” 10-njy setirde birleşikleriň, kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň çäklerinde we çäreler üçin niýetlenen ýerlerde ýerleşýän (zähmetden soň saglygyňy dikeltmek) toplumlar hasaba alynýar.

**Ýokarda agzalan görkezijiler boýunça 3 -nji sütün üçin usuly gollanma:**

Jaýlaryň, bedenterbiýe-sagaldyş okuwlary üçin sport zallarynyň, bir wagtda kabul edijilik ukyby:

- 18 × 12 m zallar - 25 adam;
- 18 × 12 m gowrak zallar - 35 adam;
- türgenleşik zallary bir meşgullanýan üçin güýç talap edýän taýýarlyk zaly - 4 kw. m

Bir meýdança hasaplananda tekiz sport desgalarynyň bir wagtda kabul edijilik ukyby:

| | | | |
|---|---|---|---|
| badminton | - 6 adam | el bilen oýnalýan top | - 10 adam |
| basketbol | - 15 adam | tennis | - 6 adam |
| woleýbol | - 16 adam | futbol meýdançasy | - 25 adam |
| gorodki | - 10 adam | | |

Suwda ýüzülýän howdanlaryň bir wagtda kabul edijilik ukyby:

- wanna – 50 metr - bir ýoda 8-10 adam
- wanna – 25 metr - bir ýoda 6-7 adam
- ýüzüp bilmeýänlere öwretmek üçin wanna (12 × 6 m) - 16 adam.

Bedenterbiýe-sagaldyş merkezleriniň bir wagtda kabul edijilik ukyby bir adama 5 kw. m hasaplananda onuň düzümine girýän ähli jaýlaryň bir wagtda kabul edijilik ukybyndan emele gelýär.

Sport zallarynyň we tekiz sport desgalarynyň bir wagtda kabul edijilik ukyby bir sport desgasyna 30 adam göz öňünde tutulyp hasaplanylýar.

## 2 BÖLÜM.
## MALIÝELEŞDIRMEK

“Bedenterbiýä we sporta edilen çykdajylar - hemmesi” diýlen 01-nji setire köpçülikleýin-bedenterbiýe, sagaldyş, sport we guramaçylyk işleri, sport abzallaryny maliýeleşdirmegiň çeşmesine garamazdan, enjamlary almaga edilen ähli çykdajylar görkezilýär. 2-5-nji sütünleriň jemi 1-nji sütüne hem-de 7-10-njy sütünleriň jemi 6-njy sütüne deň bolmaly.

Sport desgalarynyň gurluşygy we durkuny täzelemek üçin düýpli goýumlar, syýahatçylyk we gezelenç üçin çykdajylar hasabata goşulmaýar.

## 3 BÖLÜM.
## BEDENTERBIÝE WE SPORT IŞGÄRLERI

3-nji bölümde degişli setirde kärhananyň, guramanyň, edaranyň, kärdeşler arkalaşygynyň, sport desgasynyň, bedenterbiýe toparynyň (sport klubynyň) işgäriniň bu wezipesi haýsy wezipe tertibinde tassyklanandygyna garamazdan, ähli bedenterbiýe işgärleri hasaba alynýar.

Utgaşdyryp işlemek bilen wezipe orunlaryny eýeleýän adamlar: hasaba alyş – meýilnama boýunça, saglygy goraýyş, tehniki, hyzmat edýän işgärler, zähmet haky sagatlaýyn tölenýän türgenleşdiriji-mugallymlar hasaba alynmaýar.

Bilim barada maglumatlar ýörite (bedenterbiýe) okuw mekdebiniň doly tamamlandygy barada resminamanyň esasynda doldurylýar.

“Beýleki bedenterbiýe işgärleri” setirde şu bölümiň 01 – 06-njy setirlerinde atlary görkezilmedik bedenterbiýe boýunça sanawdaky wezipeleri eýeleýän adamlar hasaba alynýar.

Jemgyýetçilik we wezipe sanawyndan daşary (tölegli) instruktorlar we türgenleşdirijiler hasaba alynýar, olara töleg abonementlerini ýerleşdirmekden alnan serişdeleriň ştatdan daşary gaznasyndan we geçirilen işleriň möçberine garamazdan, önümçilik işinden (şol sanda okaýanlardan) tutumlaryň möçberinden amala aşyrylýar.

## 4 BÖLÜM.
## BEDENTERBIÝE-SAGALDYŞ WE SPORT IŞLERI

1-nji sütünde sportuň görnüşleri boýunça komandalarda, toparlarda we bedenterbiýe-sagaldyş ugurly klublarda we toparlarda meşgullanýanlar hasaba alynýar, her bir sport bilen meşgullanýan diňe tälim almagyň bir görnüşi boýunça hasaba alynýar.

Sport bilen meşgullanýanlary hasaba almak sportuň görnüşi boýunça seksiýalaryň, toparyň, komandanyň, bedenterbiýe-sagaldyş ugurly klublaryň we toparlaryň işlerini hasaba alyş kitapçalary boýunça ýöredilýär.

4-nji sütünde tölegli (abonement) toparlarda meşgullanýan adamlar hasaba alynýar (1-nji sütünden).

5,6,7-nji sütünlerde ýaşy boýunça türgenleşýänleriň sany görkezilýär.

Tölegli (abonement) toparlarda tälim alýanlaryň sany tälim almaklygyň bir tapgyrynda bir ýylda şeýle tapgyrlaryň sanyna garamazdan, ýerleşdirilen aýratyn abonementleriň sanyndan ýokary bolup bilmez, ýagny tapgyrda bir abonement topar guralanda bir ýylda tälim alýanlaryň sany şol toparda tälim alýanlaryň sanyndan ýokary bolup bilmez, toparlarda hemme tälim alýanlar bir tapgyrda (aý, çärýek, ýarym ýyllyk) ähli toparlarda tälim alýanlaryň sany boýunça kesgitlenilýär. Tölegli (abonement) toparlarda tälim alýanlaryň sany diňe tölegli toparlardan (ýerleşdirmekden) gelýän girdejileri hasabat berýän gurama alan ýagdaýynda hasabata goşulýar.

8-nji sütünde – saglygy sebäpli ýörite-sagaldyş toparlara degişli edilen okuwçylaryň, talyplaryň sany hasaba alynýar.

## 5 BÖLÜM.
## SPORT ÝARYŞLARY WE KÖPÇÜLIKLEÝIN GEÇIRILEN ÇÄRELER

Ýaryşlaryň sany diýen, 01-nji setirde meýilnama boýunça ýaryşlaryň sanyny, 1-nji sütünde halkara ýaryşlaryň umumy sanyny görkezmeli, şolardan Olimpiýa, Aziýa oýunlaryna, Dünýä we Aziýa çempionatlaryna girýär; 2-nji sütünde uniwersiada boýunça turnirleriň, 3-nji sütünde spartakiada turnirlaryň sanyny görkezmeli, 4-nji sütünde Milli ýaryşlaryň (Türkmenistanyň çempionatlary we kuboklary) umumy sanyny görkezmeli,

şolardan, 5-nji we 6-njy sütünlerde milli uniwersiadalaryň we spartakiadalaryň sanyny görkezmeli.

"Ýaryşlara gatnaşanlaryň sany" diýen 02-nji setirde, halkara ýaryşlara gatnaşanlaryň umumy sanyny 1-nji sütünde, şolardan Olimpiýa, Aziýa oýunlaryna, Dünýä, Aziýa çempionatlaryna gatnaşanlaryň sanyny görkezmeli; 2-nji sütünde uniwersiadalara, 3-nji sütünde spartakiadalara, 4-nji sütünde Milli ýaryşlara (Türkmenistanyň çempionatlaryna we kuboklaryna) gatnaşanlaryň jemini, şolardan, 5-nji sütünde uniwersiada, 6-njy sütünde spartakiadalara gatnaşanlaryň sanyny görkezmeli.

"şolardan aýal-gyzlar diýen 03-nji setirde 02-nji setirden aýal-gyzlaryň sany görkezilýär.

"Ýaryşlarda gazanylan medallar" diýen 04-nji setirde, 1-nji sütünde halkara ýaryşlara (Olimpiýa, Aziýa oýunlaryna, Dünýa, Aziýa çempionatlaryna) gatnaşyp gazanylan medallaryň umumy sanyny, şolardan 2-nji sütünde uniwersiadalarda, 3-nji sütünde spartakiadalarda, 4-nji sütünde Milli ýaryşlarda (Türkmenistanyň çempionatlarynda we kuboklarynda) gatnaşyp gazanylan medallaryň sanyny, şolardan 5-nji sütünde uniwersiadalarda, 6-njy sütünde spartakiadalarda gazanylan medallaryň sanyny görkezmeli. Şol sanda 05, 06, 07-nji setirlerde görkezilenlere ýokardaky bölünşi ýaly bellemeli.

"Köpçülikleýin geçirilen çäreleriň sany" diýen 08-nji setirde, Türkmenistanda şanly senelere bagyşlanyp geçirilýän sport çäreleriň sanynyň jemini görkezmeli. "Köpçülikleýin geçirilen çärelere gatnaşanlaryň sany" diýen 09-njy setirde, Türkmenistanda şanly senelere bagyşlanyp geçirilýän sport çärelerine gatnaşanlaryň umumy sanyny görkezilmeli.

"şolardan aýal-gyzlar" diýen 10-njy setirde 09-njy setirden aýal-gyzlaryň sany görkezilýär.

**Durmuş statistikasy müdirligi**